# Ykbala haýyş

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ykbala haýyş YKBALA HAÝYŞ

Her ömüre zerurdyr yşk,
Sönmesin bu kalpdaky yşk,
Sada dünýäm özüme köşk,
Için söýgüden gurşaýyn,
Şagyzy kimin ýaşaýyn.

Ynamym gaçmasyn ýara,
Salmasyn kalbyma ýara,
Bu durmuşda söýüp-söýle,
Bagtly menziller aşaýyn,
Ýaşan şekilli ýaşaýyn.

Alçy gopup altyn aşyk,
Köñlüm öz kärime aşyk,
Men neneň ýazmaýyn joşup,
Ykbalym şygra baglaýyn,
Şygyrlarymda ýaşaýyn.

Kalbymda galmasyn arman,
Näçe yaşasam-da ar:man,
Şowsuzlyga başym egmän
her dem ynamly ýaşaýyn,
Dem alýan wagtym-Ýaşaýyn.

Aýjeren GADAMOWA. Goşgular